# Dinler bar, Hudaý ýok!

Category: Filosofiýa,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dinler bar, Hudaý ýok! DINLER BAR, HUDAÝ ÝOK!




*«- Hojaýyn, Hudaýyñ ýeke-täk habary bolsa we olam diýseñ möhüm ýekeje setire sygsa, siziñ pikiriñizçe näme bolardy?*
*– Muny dört söze sygdyryp biljek: «Hemmäñiz maña ýalñyş düşündiñiz!»*
Ýokardaky replika «Hudaý bilen söhbet» («Conversations With God») çeper filminden… Heniz tomaşa etmediklere görmegi maslahat berýärin. Diñe çeper filme tomaşa edip däl, ýurdumyzda bolup geçýän zatlara we dünýäniñ şu gidişine seredibem aýdýaryn: sygnalgamyz, kyn meseleleriñ öñünde tutunmak islänimiz, adam bolup galmagymyza mümkinçilik berýän magnawy ugur hut dini, pelsepewi, syýasy düşünje işläp düzenler tarapyndan zaýalandy. Tejribe diýlen kesgitlemäniñ indi ne ahlaky, ne-de ruhy zeminde gürrüñini edip bilýäris. Magnawy baglanşygy dindar düşünje birnäçe ritualy ýerine

ýetirmek, ýa-da syýasy lidere ses bermek, ýa bolmasa haýsydyr bir jemagatyň içinde ýer almakdyr öýdýär. Muny ähli dinleriň eýerijileri babatda-da aýdýaryn. Tejribe näme, Hudaý tejribe edilýärmi (synalýarmy), edilýän bolsa dogry ýerde bolmagymyzy nädip üpjün etmelidiginiň soragy häzirki döwrüň adamlarynyň aňynda ýok. Minaly meýdandan ýöreýändigimi bilmän duramok. Kant ýaly filosoflar akyl öz çäklerini aşyp bilmez, aşan ýagdaýynda bulaşyp başlar diýipdir. Ruh, ahyret, Hudaý ýaly meselelerde akylyň aýdýanlaryny ýalňyşma hasap eden Kant beýleki bir tarapdan ahlak pelsepesini şekillendirende Hudaýy, azatlygy, ölümsüzligi nazarda tutýar. Şeýle-de çagalygyndaky ata hojaýynlygynyň kämillik ýaşda Hudaýyň hojaýynlygyna geçýändigini öňe sürýän Freýd hem ýalňyşmakdan söz açýar. Başga bir tarapdan XI-XII asyrlarda ýaşan yslam akyldarlarynyň ýalňyşmakdan söz açmaklary, tejribeden dem urmaklary we Hudaýyň ýer üýtgetmejekdigi hakdaky pikirleri öz üstünde oýlanmagy talap edýän başga bir gürrüň.

## • TEJRIBESIZ IMAN BOLMAZ

Bu çekişmeleri bir tarapa goýup, şu kesgitlemäni bereýin:
Döwürdeş dindar düşünje diniň içinden durmuşa seredýän ýaly bolup görünse-de, Hudaýy durmuşyň daşyna çykaran ýagdaýda. Siz dünýäde her on adamdan sekiziniň haýsam bolsa bir dini toparyň agzasydygyna seretmäň, biz aslynda gup-gury tejribesiz dindarlykdan söz açýarys. Näme diýýärdi, Ýunus Emre: «Meniň ýüzüm ýerde gerek, maňa rahmet ýerden ýagar”. Hany, nirede o rahmet? Eller asmana açylýar, kilisede, hawrada doga-dilegler edilýär, hemme ýerde uly-uly ybadathanalar gurulýar, ähli dinleriň ketdeleri “meniň dinim iň hak din” diýe-diýe kürsülerden ahkam kesýär. Dogrudyr welin, näçämiz Hudaý bilen duşuşdy? Jöhidi, hristiany, musulmany dillerinden düşürmeýän «Hudaýy» bilen bitinleşdiren dinlerinden ýola çykyp “meniň ýüzüm ýerde gerek” diýip, hereketlerini rahmete öwürdi?
Din bar, dine giriş bar, emma tejribe ýok!
Diniň dilde ritorikasy bar, sözde rituallary bar, ýöne Hudaýy ýok.

Hudaý sanylyp ýapyşylan zatlar Hudaý diýip çokunylýan kimdir birileriniň fantaziýalary. Hudaý diýlip göz öňüne getirilýän şekil-şemaýyl we başgalary saýrylaşdyrma.
A iman bolsa tejribe-synagdyr. Hudaý synagy kişini salyhatlylyga (ahsenül takwim) alyp barýar. Bu synagdsn geçen adamlara gabat gelseňiz, hökman olary tanarsyňyz: ýüz-gözünden, gep-sözünden, sesinden, özüni alyp barşyndan, durmuşa bolan garaýşyndan, pula bolan gatnaşygyndan, wezipedir derejeleriň garşysynda özüni saklaýşyndsn bilersiňiz. Saldamly hereketlerine, agraslygyna seredip, dogry ýolda barýan adamdygyny aňlarsyňyz. Akyla, ýaradylyşa, tebigatyň kanunlaryna, barlykdaky her bir adama, her bir jandara “Allanyň ahlagy bilen ahlaklanyň” sözüniň üstünden nazar aýlar.
Diýjek bolýanym, din – Hudaý bilen akyl we ruhy synagda ýüze çykýar, Hudaýyň ýok ýerinde iman dinedir, ýagny jesede!

Aýşe SUJU.

«SÖZCÜ» gazeti, 01.11.2021 ý. Filosofiýa